# «Teýi bolmaz haram puluň…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Teýi bolmaz haram puluň…" “TEÝI BOLMAZ HARAM PULUŇ…”

Malyň-mülküň eýesi baý,
Sygyr, öküz, düýesi… baý.
Ýöne weli diýmez hiç kim:
“Şu obanyň söýesi baý”.

Doýmaz-dolmaz nebisinden,
Gelmez hiç kim gapysyndan,
Eşitdim men şepesinden:
“Şu obanyň güýesi baý”.

Il içinde Suhan gaty,
Ýeke çapar mydam aty,
Teňňeden çeker “minneti”,
Bolmaz eger doýasy baý.

Nebisine asgyn ata,
Asgynlarda köpdür hata,
Döz gelmezler birje şata,
Diýmen: “Iliň haýasy baý”.

Şeýle baýy bolan iliň,
Ygbaly lazymdyr guluň.
Teýi bolmaz haram puluň,
Bu gün-erte köýesi baý…

28.11.2022. Goşgular